# Çaganyñ öweý enesine aýdany

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Çaganyñ öweý enesine aýdany ÇAGANYŇ ÖWEÝ ENESINE AYDANY



Gygyrýarsyň «eje diýeňok» diýip,
Saňa «eje» diýip aýdaýyn neneň?!
Ol meni bagryna basyp öperdi,
Saňa meňzeş däldi ozalky enem.
Sadygam meň ýaly täze ejeli,
Ol hem seniň ýaly öweý aýal-a.
Nämüçin seň ýüzüň hemişe tutuk,
Sadygyň ejesi ýaly bolaýda!

* * *

Ýene ene hakda goşgy okaldy,
Goşgyny diňlän gyz aglady birden.
Gözümde ýaşymy gizlejek boldum, Bolmady, çalaja silkindi gerden.

Goşgy saňa agyr täsir etdimi,
Ýedi ýaşda enesinden galan gyz.
Seniň damja-damja döken gözýaşyň
Saldy meniň ýüregime talaň, gyz.

Köşeş, dogan, göz ýaşyňy dökme sen,
Çekýän kändir enesizlik derdini.
Biziň bir-birege meňzeş täleýmiz
Bu öweý enäni peşgeş berdimi?!

Mähriban ejeňi ýatlaňda, gül gyz,
Şonda müň arzuwlar daşyňa üýşýär.
Öweý ene hakda goşgy okalsa,
Şo gyz biygtyýar ýadyma düşýär…

Muhammetmyrat MEREDOW. Goşgular